# Garyn doýran gara iner

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Garyn doýran gara iner GARYN DOÝRAN GARA INER



Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soňra, öten-geçen ýagşy adamlary ýatlamak däbe öwrüldi. Şu däbe görä, men golaýda Porjan aganyň öýüne bardym. Häzir ol öýe Porjan aganyň kakasynyň ady dakylan Arberdi Porjanow baştutanlyk edýär. Porjan aganyň zähmet depderçesini gözden geçirdim. Ol 1934-nji ýylda işçi bolup, zähmet ýoluna başlaýar. 7 ýyl işländen soň, şol ýerde brigadir bellenýär. 1945-nji ýylyň 15-nji ýanwarynda Aşgabat şäherindäki demir ýol ussasyny taýýarlaýan bir ýyllyk okuwa iberilýär. Kursy üstünlikli tamamlap, 1946-njy ýylyň martynda Uzynsuw stansiýasynyň demir ýol ussahanasynda ýolbaşçy bolýar. Ol bu kärde otuz dokuz dokuz ýyl işleýär. Şeýdip, ömrünoň elli bir ýylyny demir ýola bagyşlaýar. 1985-nji ýylyň noýabrynda bolsa hormatly dynç alşa çykýar. Ol birnäçe sylaglara mynasyp bolýar. Olar onuň zähmete jan-teni bilen berlen adamdygyna güwä geçýär. Ol sada, ak ýürekli, rehimdar adamdy. «Ata kesbi – ogla halal» diýlişi ýaly, Porjan aganyň nowbahar ogly

Arberdi 1969-njy ýylda 17 ýaşynda Uzynsuw stansiýasynda demir ýola işçi bolup girýär. Ol işe başlaýşy barada şeýle gürrüñ berýär:

– Kakam pahyr mekdepde okan ýyllarymda öz kärini dowam etdirmegimi maña nesihat bererdi. Otly öýümiziñ garşysynda duranda, oña guwanyp: «Garyn doýran gara iner, ýoluñ ak bolsun!» diýerdi. Özüniñ işi barada gürrüñ bererdi. Şol ýyllarda mende demir ýola bolan höwes artdy. 17 ýaşymda demir ýola işe girdim. Şondan bäri üýtgewsiz bir kärde işläp ýörün. Iş stažym otuz ýyla tegelendi. Göwnümdäkini aýtsam, şu kärde ýarym asyry arka atmak. Saglyk bolsa, Hudaý ýol berse, ol aralygy-da sag-aman geçerin.

Men ondan: «Siz Tejen-Sarahs-Maşat demir ýol gurluşygyna gatnaşdyñyzmy?» diýip soradym.

– Hawa gatnaşdym. Bir ýyl işledim. 1996-njy ýylyñ maý aýynda «Gaýrat» medaly bilen sylaglandym – diýip, ol jogap berdi.

Men «Arberdi, ýüregiñde beslän menziliñe sag-aman ýet!» diýip, onuñ bilen hoşlaşdym.

Tatar ÜÝŞMEKOW.

# «Türkmenbaşynyñ ýoly – türkmeniñ ýoly», 1999 ý. Publisistika